Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

1

#22 (253)
четверг, 29 мая 2025 года

Интернет газета
Международные новости

Esaslandyryjy – Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji awgustyndan bäri çykarylýar

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



2025-nji ýylyň 23-nji maýynda Prezident Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygyna laýyklykda, Türkmenistanda wirtual aktiwleri düzgünleşdirmek we maýning tehnologiýasyny kanunlaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, wirtual aktiwleriň dolanyşygynda gatnaşyklary düzgünleşdirmek maksady bilen, “Wirtual aktiwler hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasy işlenip taýýarlanyldy. Onda umumy düzgünler, wirtual aktiwler işi babatda döwlet düzgünleşdirmesi, wirtual aktiwleriň dolanyşygy çygrynda işleriň guralmagy, maýning, wirtual aktiwleriň emissiýasy we jemgyýetçilige hödürlenilmegi, wirtual aktiwler hyzmatlaryny üpjün edijiler hem-de jemleýji düzgünler beýan edilýär. Bu Kanunyň kabul edilmegi maýa goýumlaryň çekilmegine, maliýe tehnologiýalary başlangyçlarynyň ösdürilmegine, sanly hyzmatlar ulgamynda telekeçilik işjeňliginiň höweslendirilmegine ýardam eder. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow “Türkmengeologiýa” döwlet korporasiýasy tarapyndan nebitiň we tebigy gazyň gorlaryny ýüze çykarmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýurdumyzyň günbatar we gündogar sebitlerinde kuwwatly tehnikalaryň, seýsmiki enjamlaryň, programma üpjünçilik ulgamlarynyň kömegi bilen nebitiň hem-de tebigy gazyň gorlaryny gözlemek işleri geçirilýär. Bu işleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi uglewodorod serişdeleriniň çykarylýan möçberini artdyrmaga ýardam berer.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk pudagynda we welaýatlarda alnyp barylýan möwsümleýin işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda gowaça ekilen meýdanlarda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Galla oragyny guramaçylykly geçirmek, ösdürilip ýetişdirilen bugdaýyň bol hasylyny çalt we ýitgisiz ýygnap almak, galla oragy möwsümine ähli ugurlar boýunça taýýarlyk işleri geçirilýär. Ýeralmanyň, gök we bakja önümleriniň öndürilýän möçberini artdyrmak, bu önümler bilen ilaty ýeterlik möçberde üpjün etmek maksady bilen, ekerançylyk meýdanlarynda ýazlyk ekilen ekinlere agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek işleri alnyp barylýar. Pile hasylyny ýygnamak işleri-de dowam edýär. Daşoguz welaýatynda şaly ekmek boýunça degişli işler geçirilýär. Bulardan başga-da, ýurdumyzda ekerançylyk meýdanlarynyň suw üpjünçiligini, ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak, suw serişdelerini tygşytly peýdalanmak, suwaryş we şor suw akabalaryny arassalamak babatda zerur çäreler görülýär.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew hormatly Prezidentimiziň degişli Kararyna laýyklykda, şu ýylyň 11 — 13-nji iýuny aralygynda “Turkmentextile Expo — 2025” atly halkara sergi-ýarmarkany geçirmek boýunça alnyp barylýan taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, halkara sergi-ýarmarka dokma senagaty kärhanalarynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň bu ugurda iş alyp barýan agzalarynyň, daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagy göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen bir hatarda, ýerli we daşary ýurt dizaýnerleriniň lybaslarynyň görkezilişini guramak, Merkezi Aziýanyň gadymy dokma usullary, häzirki zaman tehnologiýalaryna bagyşlanan ussatlyk sapaklaryny geçirmek meýilleşdirilýär. Munuň özi ýurdumyzyň dokma senagatynda ýetilen sepgitler bilen tanyşmaga, özara hyzmatdaşlygy ýola goýmaga we ösdürmäge, öňdebaryjy tejribäni alyşmaga oňaýly mümkinçilikleri döreder. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda öndürilýän ýokary hilli dokma önümleriniň dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýandygyny, hereket edýän dokma senagat kärhanalarynda dünýäniň öňdebaryjy, ýokary öndürijilikli enjamlarynyň ornaşdyrylmagynyň işi ýokary netijeli alyp barmaga şert döredýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere paýtagtymyzda geçiriljek «Turkmentextile Expo — 2025» atly halkara sergi-ýarmarka gowy taýýarlyk görmegi hem-de ony ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa şu ýylyň iýun aýynda geçiriljek esasy çäreleriň tertibi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Çagalary goramagyň halkara güni, Bütindünýä welosiped güni, Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni, Ylymlar güni, Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli dürli çäreleri we sport ýaryşlaryny geçirmek göz öňünde tutulýar. Ozal yglan edilen döredijilik bäsleşikleriniň jemlerini jemlemek meýilleşdirilýär. Şeýle-de dutarçy bagşy-sazandalaryň arasynda yglan edilen “Çalsana, bagşy!” atly bäsleşigiň Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlary boýunça jemleýji tapgyrlaryny geçirmek göz öňünde tutulýar. Şu ýylyň 2 — 7-nji iýuny aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda “Awaza — dostluk mekany” atly halkara tans we folklor festiwalynyň, 6-njy iýunda Pekin şäherinde Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky Medeniýet ýylynyň ýapylyş dabarasy mynasybetli çäreleriň, 22 — 27-nji iýun aralygynda Ahal welaýatynda Medeniýet hepdeligi mynasybetli medeni çäreleriň geçirilmegi meýilleşdirilýär. Şeýle hem 27-nji iýunda Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli, beýik şahyryň “Magtymguly Pyragy” medeni-seýilgäh toplumyndaky ýadygärligine gül goýmak dabarasynyň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. 29-njy iýunda bolsa Arkadag şäheriniň iki ýyllygy mynasybetli aýdym-sazly baýramçylyk dabarasyny geçirmek meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda bellenilýän baýramçylyklar bilen bagly iýun aýynda geçiriljek çärelere gowy taýýarlyk görmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere Çagalary goramagyň halkara güni, Bütindünýä welosiped güni, Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni, Ylymlar güni, Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli geçiriljek çärelere gowy taýýarlyk görmegi we olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ КОРОЛЯ ИОРДАНСКОГО ХАШИМИТСКОГО КОРОЛЕВСТВА

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Королю Иорданского Хашимитского Королевства Абдулле II бин Аль Хуссейну и народу страны по случаю Независимости Иорданского Хашимитского Королевства.

Пользуясь возможностью, глава государства выразил Королю Абдулле II бин Аль Хуссейну искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему дружественному народу Иордании – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ГРУЗИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Грузии Михаилу Кавелашвили по случаю национального праздника Грузии – Дня независимости.

Пользуясь возможностью, глава государства выразил Президенту Михаилу Кавелашвили пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Грузии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РУМЫНИИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления г-ну Никушору Даньел Дану по случаю вступления в должность Президента Румынии.

Пользуясь возможностью, глава государства адресовал Президенту Никушору Даньел Дану пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Румынии – мира, процветания и прогресса.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА АЗЕРБАЙДЖАНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления Президенту Азербайджанской Республики Ильхаму Алиеву и братскому народу страны по случаю Дня независимости Азербайджана.

«Убеждены, что братские отношения между Туркменистаном и Азербайджанской Республикой, основанные на принципах добрососедства, дружбы и взаимопонимания, будут и впредь динамично развиваться на благо светлого будущего наших народов», – отмечается в послании главы государства.

Пользуясь возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Ильхаму Алиеву искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов в ответственной государственной деятельности, а братскому народу Азербайджана – мира, благополучия и процветания.

# WORKING VISIT OF THE DELEGATION LED BY THE CHAIRPERSON OF THE MEJLIS OF TURKMENISTAN TO THE PEOPLE'S REPUBLIC OF CHINA



On May 21, 2025, in order to develop inter-parliamentary relations between Turkmenistan and the People's Republic of China, a working visit of the Turkmen delegation led by the Chairperson of the Mejlis of Turkmenistan D. Gulmanova to the People's Republic of China began.

As part of the working visit, a meeting in an expanded format was held with the Chairman of the Standing Committee of the National People's Congress of the People's Republic of China Zhao Leji.

During the meeting, the importance of the adoption by the United Nations, at the initiative of Turkmenistan, of the Resolutions «2025 - International Year of Peace and Trust» and «Permanent Neutrality of Turkmenistan» was emphasized, and the Turkmen side expressed gratitude for the support of the People's Republic of China for this initiative of Turkmenistan.

The importance of mutual support for the initiatives put forward by Turkmenistan and the People's Republic of China within the framework of the United Nations, as well as friendly relations established at the highest level, was emphasized.

In this regard, special attention was paid to the results of bilateral agreements reached in various fields at the meetings of the Heads of State of the two countries during the visit of the President of Turkmenistan to the People's Republic of China. At the same time, issues of cooperation at the parliamentary level in the «Central Asia - China» format, as well as the future holding of the Interparliamentary Council «Central Asia - China» and the joint forum «Turkmenistan - China: Women and Youth» were considered.

During the meeting, the importance of improving the activities of interparliamentary friendship groups was noted, which will contribute to the development of interparliamentary cooperation between the two countries, the intensification of relations between specialized committees and the holding of meetings and conferences at the parliamentary level. At the meeting, the Chinese side expressed readiness to further expand cooperation between Turkmenistan and the People's Republic of China in such areas as science and education, healthcare, and agriculture.

D. Gulmanova expressed confidence that the meetings and negotiations held during the visit would contribute to further strengthening bilateral inter-parliamentary relations. She also emphasized that she highly appreciates the inter-parliamentary relations between Turkmenistan and the People's Republic of China and is ready to further develop them in all areas.

The Chairperson of the Mejlis of Turkmenistan expressed hope that the Chairman of the Standing Committee of the National People's Congress of the People's Republic of China Zhao Leji will take part in international events held in our country on the occasion of the 30th anniversary of Turkmenistan's permanent neutrality, which is celebrated in 2025 - the International Year of Peace and Trust.

On May 23, 2025, as part of the visit, a meeting was held between the Chairperson of the Mejlis of Turkmenistan and the Vice-President of the People's Republic of China, Mr. Han Zheng.

During the meeting, special attention was paid to the unanimous adoption by the United Nations, at the initiative of Turkmenistan, of the Resolution «2025 - International Year of Peace and Trust», recognizing for the third time the legal status of permanent Neutrality of Turkmenistan. In this regard, the importance of the active and creative views of neutral Turkmenistan aimed at developing equal cooperation with all countries, confident negotiations and peace initiatives was noted.

The Turkmen side noted that the peoples of the two countries are connected by historical roots, cultural and spiritual community through the ancient Great Silk Road, and that today, thanks to the efforts of the Heads of State, relations in the political, diplomatic, trade, economic and cultural-humanitarian spheres, based on mutual respect, trust and equality, are successfully developing and enriched with new content.

During the talks, the major role of cooperation between the two states in the international legal system for the further development of large-scale, equal and mutually beneficial relations between Turkmenistan and the People's Republic of China was noted. It was also emphasized that these relations contribute to the further strengthening of friendship and brotherhood between the peoples, support for interstate cooperation relations through parliamentary diplomacy.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

***(Başlangyjy 1-nji sahypada).***

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa Bütindünýä welosiped güni mynasybetli geçiriljek bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş çärelerine taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, 3-nji iýunda paýtagtymyzda köpçülikleýin welosipedli ýörişi guramagyň göz öňünde tutulýandygy barada aýdyldy. Şanly sene mynasybetli 30-njy maý — 3-nji iýun aralygynda welaýatlarda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde welosipedli ýörişleri, sport ýaryşlaryny, ylmy-amaly maslahatlary, wagyz-nesihat we beýleki çäreleri geçirmek meýilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda Bütindünýä welosiped gününi dabaraly belläp geçmek üçin gowy taýýarlyk görmegiň möhümdigini belledi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz paýtagtymyzda, Arkadag şäherinde, welaýatlarda bedenterbiýe-sport çärelerine gowy taýýarlyk görmegiň we talabalaýyk geçirmegiň wajypdygyny nygtap, wise-premýere bu babatda degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-eýran hökümetara toparynyň 18-nji mejlisiniň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, goňşy ýurtlar bilen hoşniýetli, özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şolaryň hatarynda Eýran Yslam Respublikasy hem bar. Döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygy boýunça şu ýylyň 19-20-nji maýynda Türkmenistanyň wekiliýeti Tähran şäherine iş saparyny amala aşyrdy. Saparyň çäklerinde bilelikdäki toparyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Onuň gün tertibine söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň meseleleri girizildi hem-de degişli çözgütler kabul edildi. Gaz ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň, hususan-da, türkmen mawy ýangyjyny Eýrana göni ibermegiň, bu döwletiň çäklerinden üçünji ýurtlara üstaşyr geçirmegiň, şol sanda ony "swap" görnüşinde ugratmagyň mümkinçiliklerine garaldy. Şeýle-de elektroenergetika pudagynda döwletara gatnaşyklary giňeltmegiň mümkinçilikleri gyzyklanma bildirilip ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu babatda Mary — Maşat elektrik geçirijisiniň türkmen böleginiň taslamasyny amala aşyrmak bilen bagly çärelere seredildi. Şunuň bilen baglylykda, degişli meseleleriň birnäçesi, şol sanda türkmen elektrik energiýasyny mundan beýläk-de Eýrana ibermek meselesi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Mejlisiň barşynda ulag pudagyndaky hyzmatdaşlyk, uzynlygy 242 kilometre deň bolan Gumdag — Etrek — Eýran serhedi awtomobil ýolunyň taslamasy bilen bagly meselelere-de üns berildi. Şunuň bilen birlikde, iki ýurduň arasynda ulag gatnawlaryny we ýük dolanyşygyny artdyrmak bilen bagly meselelere garaldy. Olar boýunça degişli ylalaşyk gazanyldy. Şeýle-de söwda we işewürlik ugurlarynda hyzmatdaşlygy ilerletmegiň meselelerine seredildi. Hususan-da, taraplar söwda-ykdysady gatnaşyklary has-da işjeňleşdirmek, haryt dolanyşygynyň möçberini mundan beýläk-de artdyrmak maksady bilen, 2026 — 2028-nji ýyllar üçin iş meýilnamasyny taýýarlamak barada ylalaşdylar. Şunuň bilen baglylykda, serhetýaka söwda zolaklaryny döretmek barada giňişleýin maslahatlaşmalar boldy. Bellenilişi ýaly, bilelikdäki sergileriň, işewürlik maslahatlarynyň, beýleki çäreleriň geçirilmegi, bu ugurda "Ýol kartasynyň" taýýarlanylmagy hem-de Türkmen-eýran işewürlik geňeşiniň döredilmegi netijeli gatnaşyklary ilerletmäge ýardam eder. Mundan başga-da, mejlisiň gün tertibine suw hojalygy ulgamynda, hususan-da, suw serişdelerini rejeli peýdalanmak babatda ikitaraplaýyn gatnaşyklar bilen bagly meseleler girizildi.

Däp bolan medeni-ynsanperwer gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak meselesine hem üns berildi. Şunda özara Medeniýet günlerini geçirmek, medeniýet we sungat sergilerini, festiwallary guramak, bilim we ylym, saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk ulgamlarynda hyzmatdaşlygy, ÝUNESKO-nyň çäklerinde gatnaşyklary ösdürmek meseleleri maslahatlaşyldy. Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-eýran hökümetara toparynyň 18-nji mejlisiniň netijeleri boýunça degişli Teswirnama gol çekildi.

Türkmenistanyň wekiliýetiniň goňşy ýurda iş saparynyň çäklerinde Eýranyň Beýik ruhy lideri Aýatolla Seýed Ali Hameneýi bilen duşuşyk geçirildi. Şeýle hem Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkian bilen duşuşyk boldy. Onda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň, sebit we ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Eýranyň Prezidenti türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň çakylygy boýunça Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma gatnaşjakdygyny tassyklady. Duşuşykda türkmen-eýran hyzmatdaşlygynyň strategik ugurlary boýunça alnyp barylýan bilelikdäki işi dowam etdirmegiň zerurdygy bellenildi. Goňşy döwletiň Baştutany eýran tarapynyň meýilleşdirilen çäreleri, taslamalary, bu ulgamlarda ozal gazanylan ylalaşyklary durmuşa geçirmäge taýýardygyny aýtdy.

Wekiliýetiň saparynyň çäklerinde Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-eýran hökümetara toparynyň eýran böleginiň başlygy, Eýran Yslam Respublikasynyň ýol we şäher ösüşi ministri hanym Farzaneh Sadeghi Malwajerd, energetika ministri Abbas Aliabadi, nebit ministri Mohsen Paknežad, daşary işler ministri Seýed Abbas Aragçi bilen duşuşyklar geçirildi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew milli raýat awiasiýasy pudagyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, ýurdumyzda ulag ulgamyny hemmetaraplaýyn ösdürmek babatda zerur işler durmuşa geçirilýär. Şunda raýat awiasiýasynyň düzümleriniň döwrebaplaşdyrylmagyna, iň täze enjamlar bilen üpjün edilmegine möhüm ähmiýet berilýär. Munuň özi Ýewropanyň we Aziýanyň söwda ulag ýollarynyň çatrygynda ýerleşýän Türkmenistana üstaşyr ulag geçelgelerini işjeňleşdirmek üçin amatly mümkinçilikleri döredýär. Şunuň bilen baglylykda, agentligiň ýolbaşçysy hormatly Prezidentimiziň garamagyna bu ugurda alnyp barylýan işleri has-da ilerletmek bilen bagly degişli teklibi hödürledi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, 25-nji maýda ýurdumyzda Aşgabat şäheriniň gününiň, Türkmen halysynyň baýramynyň, «Soňky jaň» dabarasynyň giňden bellenip geçiljekdigini aýtdy. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ak şäherimiz Aşgabatda ýaşamak, işlemek we medeniýetli dynç almak üçin ähli amatly şertler döredildi, paýtagtymyzda «Ak şäherim Aşgabat» atly köpugurly halkara serginiň geçirilmegi-de indi asylly däbe öwrüldi diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz Türkmen halysynyň baýramy mynasybetli haly we haly önümleriniň sergisiniň, maslahatyň geçirilmeginiň halkymyzyň halyçylyk sungatyny dünýä ýaýmakda wajyp ähmiýetiniň boljakdygyna berk ynam bildirdi.

Pursatdan peýdalanyp, hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryny we mähriban halkymyzy Aşgabat şäheriniň güni, Türkmen halysynyň baýramy, uçurymlar «Soňky jaň» dabarasy bilen gutlady. Mejlise gatnaşyjylar hem hormatly Prezidentimizi, Gahryman Arkadagymyzy şanly seneler mynasybetli tüýs ýürekden gutladylar.

## СОСТОЯЛОСЬ ЗАСЕДАНИЕ СТРАНОВОЙ ГРУППЫ ООН В ТУРКМЕНИСТАНЕ

22 мая 2025 года в режиме видеоконференцсвязи состоялось заседание Страновой группы Организации Объединённых Наций в Туркменистане. Во встрече приняли участие Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов, руководители агентств ООН в Туркменистане и региональных структур данной организации.

На повестку дня заседания были вынесены обсуждение национальных приоритетов Туркменистана для нового цикла Рамочной программы ООН по сотрудничеству в области устойчивого развития на 2026–2030 годы и изучение путей ускорения процессов достижения ЦУР.

Глава внешнеполитического ведомства страны подробно остановился на ключевых векторах стратегического партнёрства Туркменистана с ООН таких как, мир и безопасность, социально-экономическая сфера, выполнение ЦУР, транспорт и энергетика, борьба с изменением климата и ряд других направлений.

В ходе заседания была подчёркнута роль созданного в минувшем году Стратегического консультативного совета «Туркменистан – ООН», который фокусируется на реализации национальных программ и международных инициатив страны в тесной координации с ООН как в политическом, так и в социально-экономическом измерениях.

В продолжение переговоров состоялся обмен мнениями по перспективам партнёрства Туркменистана со специализированными структурами ООН в таких областях, как устойчивое развитие, транспорт, изменение климата и защита окружающей среды, а также гуманитарное измерение, включая аспекты соблюдения прав человека, сохранение национального культурного наследия, применение и внедрение лучших практик в систему образования и здравоохранения.

Руководители подразделений ООН в своих выступлениях проинформировали о ведущейся совместной деятельности с Правительством Туркменистана и поделились своими идеями и предложениями в данном направлении.



## “Merkezi Aziýa – Hytaý” formatynyň Daşary işler ministrleriniň orunbasarlarynyň duşuşygy barada



2025-nji ýylyň 24-nji maýynda Pekin şäherinde “Merkezi Aziýa – Hytaý” formatynyň Daşary işler ministrleriniň orunbasarlarynyň duşuşygy geçirildi. Türkmen tarapyna Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary Ahmet Gurbanow wekilçilik etdi.

Bu gezekki duşuşygyň gün tertibine şu ýylyň iýunynda Astana şäherinde geçirilmegi meýilleşdirilýän “Merkezi Aziýa – Hytaý” formatynyň döwlet baştutanlarynyň ikinji sammitine taýýarlyk görmek bilen bagly meseleleri ara alnyp maslahatlaşmak girizildi.

Türkmenistanyň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň hem-de Hytaý Halk Respublikasynyň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylarynyň orunbasarlary öňde boljak sammitiň deslapky gün tertibine tekliplerini berdiler hem-de bilelikdäki jemleýji resminamalaryň taslamalaryna garadylar.

Taraplaryň umumy pikirine görä, nobatdaky sammitiň geçirilmegi sebitde durnukly ösüşi, parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen döwletara hyzmatdaşlygy üçin açyk hem-de konstruktiw meýdança hökmünde “MA – Hytaý” formatynyň barha artýan ornuny görkezýän möhüm waka bolar.

## ТЕЛЕФОННЫЙ РАЗГОВОР МИНИСТРОВ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА И КИТАЯ



26 мая 2025 года состоялся телефонный разговор Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Министром иностранных дел Китайской Народной Республики Ван И.

Стороны обсудили вопросы двустороннего стратегического партнерства, в частности, в таких важных сферах как политико-дипломатическое взаимодействие, экономика, энергетика и ряде других областей.

Была подчеркнута многолетняя взаимная поддержка Туркменистаном и Китаем друг друга в Организации Объединенных Наций, иных международных структурах и форматах. При этом отмечено, что главным фактором динамичного развития туркмено-китайских отношений является открытый, дружеский и конструктивный диалог, установившийся на высшем государственном уровне. Именно регулярные встречи руководителей и лидеров Туркменистана и Китая служат прочной основой для наращивания потенциала сотрудничества двух стран по самому широкому спектру направлений.

Министры иностранных дел подчеркнули значимость политических консультаций между внешнеполитическими ведомствами двух стран и договорились продолжить регулярные двусторонние контакты по дипломатической линии.

## Preparations to the Third UN Conference on Landlocked Developing Countries (LLDC 3) discussed



On May 28, 2025, a meeting was held at the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the delegation headed by UN Under-Secretary-General, High Representative for the Least Developed Countries, Landlocked Developing Countries and Small Island Developing States Fatima Rabab.

During the meeting, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan and the UN Under-Secretary-General discussed a wide range of organizational and protocol issues, as well as the content of the Third UN Conference on Landlocked Developing Countries (LLDC 3).

At the same time, the sides thoroughly viewed the progress of work on the preparation of appropriate venues for plenary sessions, round tables, forums and other side events.

The high importance of the Conference in the attainment of the Sustainable Development Goals was empasized at the meeting.

Интернет газета
Международные новости

## PROSPECTS FOR THE DEVELOPMENT OF TURKMEN-SAUDI RELATIONS DISCUSSED IN ASHGABAT



On May 27, 2025, a meeting was held in Ashgabat between Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Ahmet Gurbanov and the authorized representatives of the Minister of State of the Kingdom of Saudi Arabia, member of the Council of Ministers Prince Turki bin Mohammed Al Saud.

During the talks, priority vectors for further development of bilateral Turkmen-Saudi relations were discussed in the context of implementing previously reached agreements.

The parties focused special attention on interaction between the states in the field of environmental and ecological activities, as well as in the urban development sphere.

Speaking about the existence of great potential and prospects for advancing cooperation in the trade and economic sphere, the interlocutors exchanged views on holding the next meeting of the Intergovernmental Turkmen-Saudi Commission on Trade and Economic Cooperation.

## СОСТОЯЛОСЬ ЗАСЕДАНИЕ РУКОВОДЯЩЕГО КОМИТЕТА ПО РЕАЛИЗАЦИИ РАМОЧНОЙ ПРОГРАММЫ СОТРУДНИЧЕСТВА В ОБЛАСТИ УСТОЙЧИВОГО РАЗВИТИЯ МЕЖДУ ТУРКМЕНИСТАНОМ И ООН НА 2021–2025 ГОДЫ



27 мая 2025 года в здании внешнеполитического ведомства Туркменистана в гибридном формате состоялось очередное заседание Руководящего комитета по реализации Рамочной программы сотрудничества в области устойчивого развития между Туркменистаном и Организацией Объединённых Наций на 2021–2025 годы.

В заседании приняли участие руководители и сотрудники Министерства иностранных дел Туркменистана, руководители и представители ряда министерств и отраслевых ведомств страны, Постоянный Координатор ООН в Туркменистане, главы и представители структурных подразделений ООН.

На повестку дня нынешней встречи были вынесены такие вопросы как, обзор хода реализации текущей Рамочной программы, рассмотрение следующего цикла Рамочной программы на 2026–2030 годы, а также утверждение Становых программ ПРООН, ЮНИСЕФ и ЮНФПА на период 2026–2030 годы.

На заседании был отмечен высокий уровень установившегося многопланового сотрудничества между Туркменистаном и ООН, выражена уверенность, что только общими усилиями удастся достичь заметных результатов, отвечающих долгосрочным интересам в деле обеспечения устойчивого развития и поступательного прогресса, особо подчёркнута значимость совместной системной работы на базе средне- и долгосрочных планов и программ.

## Türkmenistanyň wekili “Çagalaryň hatyrasyna dialog: Merkezi Aziýa we ÝUNISEF” atly ýokary derejeli foruma gatnaşdy

2025-nji ýylyň 27-nji maýynda Daşkent şäherinde “Çagalaryň hatyrasyna dialog: Merkezi Aziýa we ÝUNISEF” atly ýokary derejeli forum geçirildi. Özbegistan Respublikasynyň Saglygy goraýyş ministrligi, “Zamin” halkara jemgyýetçilik gaznasy hem-de BMG-niň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) tarapyndan guralan çäre Çagalary goramagyň halkara gününe bagyşlandy.

Forumuň işine Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ugurdaş edaralarynyň ýolbaşçylary, halkara guramalarynyň hem-de jemgyýetçilik birleşikleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Çärede Türkmenistana wekilçilik etmek bilen, Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň orunbasary A.Öwezow öz çykyşynda Türkmenistanyň çagalaryň saglygyny goramaga, olaryň hukuklaryny üpjün etmäge hem-de ösüp gelýän ýaş nesiller üçin howpsuz we abadan jemgyýeti döretmäge gönükdirilen döwlet syýasaty barada giňişleýin maglumat berdi. Şeýle hem halkara hyzmatdaşlygynyň möhümdigi bellenilip geçildi, hususan-da, ÝUNISEF bilen gatnaşyklaryň çäklerinde gazanylan üstünliklere üns çekildi.

Forumyň dowamynda oňa gatnaşyjylar tejribe alyşdylar, çagalara gönükdirilen döwlet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişini, şeýle hem bu ugurdaky sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen bagly bolan meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar we bu ugurdaky hereketleri dowam etdirmegiň ähmiýetini bellediler.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Презентация внешнеполитического курса Туркменистана в лицее Ширакаци*

21 мая 2025 года в лицее «Ширакаци» города Ереван прошло празднование Всемирного дня культурного разнообразия ЮНЕСКО, в котором принимали участие ученики и преподаватели лицея, родители учащихся и представители дипломатического корпуса Армении.

В ходе мероприятия была проведена дискуссия «Shirakatsy Talks», в котором приглашенные гости, дипломаты, Послы выступили с презентацией о дипломатии, инновациях, устойчивом развитии и молодежном лидерстве.

Посол Туркменистана в Армении М. Аязов выступил с презентацией о внешней политике Туркменистана, нейтралитете страны и о туркмено-армянских взаимоотношениях. В частности, была отмечена роль позитивного Нейтралитета Туркменистана, взаимодействие страны с мировым сообществом и с такими авторитетными международными организациями как ООН, ЮНЕСКО и др.

### *В Посольстве Туркменистана в Исламабаде состоялся показ художественного фильма «Махтумкули Фраги»*

22 мая 2025 года в Посольстве Туркменистана в г. Исламабаде состоялся показ художественного фильма «Махтумкули Фраги» для представителей диаспоры афганских туркмен, проживающих в Пакистане.

В начале мероприятия гости были проинформированы о том, что художественный фильм «Махтумкули Фраги» был снят в рамках празднования 300-летия со дня рождения поэта в 2024 году в совместном сотрудничестве туркменских и узбекских кинематографистов.

Зрители отметили высокий художественный уровень картины и её важность как средства сохранения и популяризации культурного наследия. Они подчеркнули, что проект, реализованный под покровительством Президентов Туркменистана и Узбекистана, наглядно демонстрирует крепкие культурные связи между двумя народами.

### *ТГУ им. Махтумкули и Университет Гавра: диалог о будущем образования*

Десять спортсменов сборной Туркменистана по ка23 мая проректор Университета Гавра (Франция) Ж.-Н. Касторион и директор по международным связям П. Бартелеми посетили Туркменский государственный университет имени Махтумкули. Их визит в Туркменистан был направлен на укрепление академического сотрудничества.

В ходе встречи представители обоих университетов обсудили приоритетные направления взаимодействия и представили свои учебные заведения. Было отмечено, что Туркменский государственный университет имеет давнюю традицию подготовки высококвалифицированных специалистов по французскому языку и литературе, наряду с обучением другим иностранным языкам.

В завершение встречи участники выразили благодарность лидерам двух стран за создание благоприятных условий для развития сотрудничества в области науки и образования, а также за их вклад в укрепление мира и доверия.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*